Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ENE DILI
# WE OKUW SOWATLYLYGY

## (II bölek)

*Umumy orta bilim berýän mekdepleriň*
*1-nji synpy üçin derslik*

*Täze neşir*

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi*
*tarapyndan neşire hödürlenen*



Daşkent – 2021

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 37.016:811.512.164(075)
KBK 81.2(5Turk)ya72
A 13

Awtorlar:
Ş. Abdullayewa, G. Abdullayewa, G.Welbegow

**Syn ýazanlar:**

**N. Latipow** – Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtköl tümeniniň halk bilimi bölüminiň baş inspektor-metodisti;

**R. Klyçew** – Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtköl tümenindäki 9-njy mekdebiň Türkmen dili we edebiýat mugallymy

## Şertli belgiler:

– özbaşdak işlemeli
– jübüt bolup işlemeli
– topar bolup işlemeli
?! – soraglar we ýumuşlar
G – gönükme
O – oýun

Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.

Original maket we dizaýn konsepsiýasy Respublikan tälim merkezi tarapyndan taýýarlandy.

ISBN 978-9943-7522-8-3 © Respublikan tälim merkezi, 2021

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# III BAP
# SAG TENDE – SAGDYN AKYL



## ADAMY OÝUNDA WE ÝOLDA TANAMAK MÜMKIN



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TÜRKMEN MILLI OÝUNLARY

## Bäş daş



Türkmen oýunlary köp asyrlyk taryha eýe. Olar biziň günlerimize çenli nesilden-nesle geçip geldi. Şonuň üçin bu oýunlara milli oýunlar diýilýär. Agşamara çagalar toplanyp bäş daş, çolak towuk, bukullym we başga oýunlary oýnapdyrlar. Oýunlar arkaly çagalar öz hereketjeňligini, pikiriniň ýitiligini, ezberligini görkezipdirler we ösdüripdirler. Şol oýunlaryň köp ýaýranlaryndan biri bu bäş daş.

Bu oýny 2–3 çaga bolup oýnamak mümkin. Bäş daş oýnuny oýnamak üçin hozuň ululygyndaky togalak bäş sany daşy tapmaly. Gezek-gezegine oýundakylar nobaty gelende daşlary saçyp bir-birden, iki-ikiden, üçden, dörtden ýygyp almaly. Şeýlelikde her gezek bir daşy ýokara taşlap tutup almagy hem başarmaly.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bäş daş oýnuny oýnaýanlar örän ünsli bolmaly, ellerini oňaýly hereketlendirmeli, gözleri bilen hem ýerdäki daşlary hem-de ýokary atylan daşy görüp, nazarda saklamaly. Bu oýun bize ata-babalarymyzdan galan miras. Oýnuň çaganyň ünsüni, hereketleriniň çalasynlygyny ösdürmekde peýdasy köp.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Näme üçin käbir oýunlara milli oýunlar diýilýär?
2. Tetris oýny halk oýnumy?
3. Sen bäş daş oýnuny oýnap bilýärmiň?
4. Hany bile oýnap göreliň.

G ★★★ **Gönükme.** Bäş daş oýny üçin daş saýlamagyň usullary bilen tanyşalyň. Geliň göreliň, kim oňat daşlary saýlap tapypdyr.

G ★ **Gönükme.** Suratda haýsy halk oýny şekillendirilen? Surat boýunça hekaýa düzüň.





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme.** Suratda kim? we näme? diýen soraga jogap berýän sözleri aýdyň.

G ★★★ **Gönükme.** Tekst nämeden ybarat? Dogry jogaby tap.

1. Tekst sözlerden ybarat.
2. Tekst harplardan ybarat.
3. Tekst sözlemlerden ybarat.

G ★★ **Gönükme.** Bäş daş tekstdäki birinji sözlemiň shemasy nähili?



## IKI ÝOLDAŞ





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Iki ýoldaş tokaýyň içi bilen barýarka, öňlerinden bir aýy çykypdyr. Olaryň biri gaçypdyr we agaja çykyp gizlenipdir, beýlekisi bolsa ýolda galypdyr. Onuň alajy bolmansoň, ýykylypdyr we ölen ýaly bolup ýatypdyr.

Aýy onuň ýanyna gelip, ysgaşdyryp başlapdyr. Ol demini-de almandyr.

Aýy onuň ýüzüni ysgaşdyryp, ölendir öýdüp gidipdir.

Aýy gidensoň, beýleki ýoldaşy agaçdan düşüp:

– Aýy seniň gulagyňa näme diýdi? - diýip gülüpdir.

Ol bolsa:

– Üstüne howp düşende, ýoldaşyny taşlap gaçýan adam ýaramazdyr, diýdi – diýip jogap beripdir.

*L.Tolstoý*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Iki ýoldaş nirä gitdi?
2. Olar nämä duşdular?
3. Oglanlar näme edipdirler?
4. 2-nji oglan aýydan nähili gutulýar?
5. Bu oglanlara at goýuň. Siz haýsy oglanyň häsiýetlerini gowy gördüňiz?
6. Siz şular ýaly oglanlary mysal getirip bilýäňizmi?

G **Gönükme.** Nakyly okaň we ýatlaň.

Ýagşy bilen ýoldaş bolsaň,
Galan işiň bitirer.
Ýaman bilen ýoldaş bolsaň,
Ýörän ýoluň ýitirer.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky sözleriň haýsysy bogna nädogry bölünen?

a. Arz-uw
b. De-rek
ç. Ö-süm-lik

G ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky näme? diýen soraga jogap berýän sözler ýazylan. Eger ýalňyş bar bolsa tapyň.

a. dutar
b. sallançak
ç. mugallym

## *O, ö, u, ü* – dodak çekimlileri.

G ★ **Gönükme.** Hekaýany okaň. Tekste at beriň. Tekstden adam atlaryny saýlap aýdyň.

Biz birinji synpda okaýarys. Synpymyzda otuz okuwçy okaýar. Olardan on alty sanysy gyzlar. Men birinji partada oturýaryn. Meniň partadaşymyň ady Maýsa. Bizi Gözel Abdullaýewa okadýar.

G ★ **Gönükme.** Soraglara jogap beriň.

1. Siziň adyňyz näme?
2. Siziň ejeňiziň ady näme?
3. Siziň dostuňyzyň ady näme?
4. Siziň kakaňyzyň ady näme?



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýaňyltmajy tiz aýdyň.**

Bir düýp tut, dört düýp turp.

## AÝTEREK – GÜNTEREK



Aýterek-günterek oýny türkmen milli oýny hasaplanýar. Ony çagalar köpçülik bolup oýnaýarlar. Çagalar iki topara bölünip, bir topar beýleki topara ýüzlenip aýdym edip aşakdaky sözleri aýtdar:

– Aý terek,
– Gün terek,
– Bizden size kim gerek?
– Saýrap duran dil gerek.
– Dilleriň haýsy gerek?
– Aýlar diýen gyz gerek.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Soň Aýlar diýen gyz garşysynda ellerini tutup duran topara tarap ylgap, bat bilen olaryň ellerini ýazdyrmaly. Eger başarmasa şol toparda galmaly bolýar. Oýunyň soňunda haýsy toparda çaga köp bolsa şol topar ýeňiji bolýar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Bu oýunlaryň ýerine ýetirilişini aýdyp beriň.
2. Siz başga nähili oýunlary bilýärsiňiz?



**Tapmaça:**

Ol çopanyň ýoldaşy,
Goýunlaryň göwündeşi.
Goýun örä gidende,
Aýrylman saklar goşy.

Gara, ala, ak bolýar,
Sary, goňur, gök bolýar.
Adamyň ýakyn dosty,
Hyzmaty oň päk bolýar.

*Nurberdi Pomma.*



Hemişe agzymyzda.
Asla ýuwudylmaýar.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme.** Dana sözleri okaň, onuň manysyny we çekimli harplaryny aýdyň.

Çekseň zähmet, ýagar rehnet.
Bu günki işiňi ertä goýma.

G ★★★ **Gönükme.** Hekaýany okaň.

## BAHAR

Bahar geldi.  ýalpyldap  göründi. Biz maşgalamyz bilen mellekde işledik. Kakam ýer . Doganym  Kerim agaç  gyrkdy. Uýam  howlyny . Ejem  bize  bişirdi. Men kakama kömekleşdim.

Günortan bize dostum Geldi  geldi. Oňa Myrat daýy gyzykly  sowgat edipdir. Men we  kitap okadyk. Onüň içinde gyzykly hekaýalar bar eken. Doganym  özi  okady. Giç düşdi.  howlugyp,  alyp gitdi.

**Rebusy okaň**






Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## REHIMLI WE DYKGATLY BOLUŇ

*(ÖZBAŞDAK OKAMAK ÜÇIN)*



Bir garynja tötänden bir çukura düşüpdir. Çykyp bilmän gaty kösenipdir. Şol wagt bir garry adam geçip barýan eken.

– Waý biçäre, – diýip taýagyny oňa uzadypdyr.

Garynja taýaga dyrmaşyp ýokary çykypdyr we özüniň halas edijisine:

– Rehimli we mylaýym ynsan, sag boluň, – diýipdir.

Garrynyň eden ýagşylygy ujypsyzja, emma garynja üçin bu uly kömek boldy. Garry onuň janyny saklamaga kömekleşdi. Çagalar daş-töweregiňizdäkilere üns beriň! Belki siziň hem kömegiňiz kimedir gerekdir.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**?!** **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Garynja näme bolupdyr?
2. Garynja kim kömek edipdir?
3. Garry adamyň ornunda siz bolsaňyz näme edersiňiz?

**G** ★★★ **Gönükme.** Tekstden ikinji sözlemi tapyň. Onuň shemasyny çyzyň.

**G** ★★★ **Gönükme.** Suratdakylar haýsy soraga jogap berýär?





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**G** ★ ★ ★ **Gönükme.** Aşakdaky sözleriň haýsysy gowy gylyk bolsa aýdyň.

Jenjel, düşünişmek, kömek, öýkelemek, göriplik, arassa göwünlilik, adalatlylyk, kemsitmek, gödeklik, aldamaklyk, mähirlilik, hormat goýmak, ýaman görmek, wepalylyk, haýyn, ýylgyrmak.

**G** ★ ★ ★ **Gönükme.** Aşakdaky surat nämäni aňladýar? Suraty atlandyryň.



**G** ★ ★ ★ **Gönükme.** Aşakdaky krosswordy çözüň.

(Lakga, un kitap, tilki, swetafor, ot, durna)

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| D | | | | | | | |
| O | | | | | | | |
| S | | | | | | | |
| T | | | | | | | |
| L | | | | | | | |
| U | | | | | | | |
| K | | | | | | | |



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# NOWRUZ – TÄZE GÜN

## Nowruz



Ýurdumyzda her ýylda 21-nji mart güni Nowruz baýramy bellenilýär. Bu täze ýyl, täze gün baýramydyr.

21-nji mart gije bilen gündiz deň bolýar. Gün şu günden başlap belent galyp, gündiz gijeden uzalyp başlaýar.

Baharda howa maýlaýar. Ýagyş köp ýagýar. Ýerde otlar ösüp çykýar. Agaçlar pyntyklap gülleýärler.

Nowruzda dürli witaminlere baý naharlar, halim we semeni bişirilýär.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Nowruz haçan gelýär?
2. Nowruz nähili baýram?
3. Bahar paslyna haýsy aýlar degişli?
4. Baharda tebigatda nähili özgerişler bolup geçýär?

G **Gönükme.** Okaň we köp nokatlaryň ýerine adam atlaryny goýuň.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

... dogany ... bäşinji synpda okaýar. ... dosty ... bilen haýwanat bagyna bardy.

***O, ö* – dodak çekimli sözüň birinji bognunda ýazylýar.**

G ★ ★ ★ **Gönükme.** Matallary okaň we dodak çekimlisi bolan sözleri aýdyň.

El bilen ekiler,
Dil bilen orular.

Polat atym ýüwrüp barýar,
Ýeri çeppe çöwrüp barýar.

Sary agam içinde,
Gökje goly daşynda.

G ★ ★ ★ **Gönükme.** Hekaýany okaň we has gara ýazylan sözlerdäki çekimlileri aýdyň.

### Jeren

**Jeren** mekdepde okaýar. Ol sapaklaryna günde taýýarlykly **gelýär.** Ondan başga Jeren **sport** bilen meşgullanýar. Öýde ejesine hem **kömek** edýär. Boş wagtlary **kitap** okamagy oňat görýär. Synpdaşlary ony **hormat** edýärler.

G ★ ★ ★ **Gönükme.** Öý goşlarynyň adyny okaň we olary bogunlara bölüp tagtada ýazyň.

Düşek, ýassyk, keçe, ýorgan, perde, haly, saçak, palas.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SEMENI



Halkymyzyň iň söýýän bahar tagamlaryndan biri semenidir. Ony bugdaý tohumyndan ösüp çykan maýsadan taýýarlaýarlar. Ähli halk kiçiden ululara çenli semenini oňat görüp iýýärler. Ol witaminlere, dürli peýdaly maddalara baý bolýar. Ol bize kuwwat berýär. Ol köp kesellere şypadyr.

G **Gönükme.** Semeni özbek dilinde nädip atlandyrylýar? Semeni sözüň her harpyna «näme?» diýen soraga jogap bolýan sözleri tapyň we öýde şol sözleri bogna bölüp ýazyň.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**G** ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky suratdan semeni bişirmek üçin gereklilerini saýlap alyň. Haýsy önümler artykmaç?



**G** ★★ **Gönükme.** Tapmaçany okaň we jogabyny tapyň.

Tagamy men Nowruzyň
Umydy men rysk-rozuň.
Uly gazanda bişýän,
Käte köpükläp çişýän.
Ýerine ýeter dilegi,
Kim bişirse ...

**G** ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky miweleriň atlaryny okaň. Her sözde näçe çekimli bardygyny aýdyň.

Alma, erik, şeptaly, nar



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# BAHAR GELDI



Howa kem-kemden maýlaýar. Günüň yssylygy barha artýar. Ýagyş köp ýagýar. Daglardaky garlar eräp başlaýar. Otlar gögerýärler. Agaçlar pyntyklap, ýapraklaýarlar, gülleýärler. Tebigatdaky bu alamatlar baharyň gelendigini bildirýär. Bahar paslyna mart, aprel, maý aýlary degişlidir.

Ekin meýdanlarynda iş köpelýär. Fermerler ýaz ekişini başlaýarlar. Baharda gowaça, bugdaý we beýleki ekinler ekilýär.

Gyşda ýyly ýurtlara uçup giden guşlar gaýdyp gelýärler.

Baharda haýwanlaryň ýagdaýy hem gowulanýar. Olar gök otlardan doýýarlar.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Baharda howa nähili bolýar?
2. Näme köp ýagýar?



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Daglarda näme ereýär?
4. Baharyň gelendigini nähili alamatlardan bilse bolýar?
5. Bahar paslyna haýsy aýlar degişli?
6. Baharda fermerler näme iş edýärler?

**G ★ Bahar hakynda test:**

1. Bahar haçan başlanýar:
a. 1 aprelde
b. 1 maýda
ç. 1 martda.

2. Baharyň gelmegi bilen günler:
a. gysgarýar
b. uzalýar
ç. öňki ýaly bolýar.

3. Baharda howa:
a. maýlaýar
b. sowaýar
ç. öňküligine galýar.

4. Baharyň gelmegi bilen haýsy güller ilkinji açylýar:
a. baýçeçek
b. astra
ç. bägül.

5. Baharda haýsy guşlar ilkinji uçup gelýär?
a. garasar
b. serçe
ç. garlawaç.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme.** Nakyly okaň we manysyny düşündiriň.

Agaçdan miwe almak isleseň,
Nahal wagty gowy ide.

G ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky sözlemleri okaň. Birinji sözlemde näçe ýogyn çekimlili söz bar?

Okuwçylar  günde sapaga taýýar bolup gelmeli. Düýn Meretleriň goýny guzlady. Agşamara sowuk düşüp, ýagyş ýagdy. Eneş keteni köýnek geýdi.

G ★ **Gönükme.** Suratdaky wakalaryň yzygiderligini dogurlaň.





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# IV BAP
# SUNGAT WE MEDENIÝET



**SUNGAT BILIM TALAP EDÝÄR.**

*Bertold Breht*



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ŞÄRIKLI EKIN



Gadym wagtda bir göle, bir geçi we bir sakyrtga şärikli ekin ekmäge çykypdyrlar. Bular baryp bir boşluk ýeri ekjek bolsalar, bir tilki gelip:

– Bu ýer meniň atamdan galan miras ýerdir. Menem şärik etmeseňiz, size ekdirjek däl – diýipdir.

Onda göle:

– Bolýar, seni hem paý edäýeris – diýipdir.

Ondan soň tilki:

– Men size azalyň gulak çöpüni getireýin – diýip gidipdir. Soň tilki gaýdyp gelmändir.

Bular bugdaýy ekip, orup, döwüp gyzyl edenlerinde, hälki tilki gaýdyp gelipdir. Göle tilkini görüp:

– Wiý, tilki dost, sen bir gün hem işlemediň. Saňa hiç zat berjek däl – diýipdir. Onda tilki:

– Geliň, şu ýerden ylgaşalyň, kim öňürti barsa, harmany şol alsyn. Yza galana hiç zat ýok, diýen.

Onda sakyrtga:

– Geliň, şeýle edeliň – diýipdir.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Muňa hemmesi razy bolupdyrlar. Ylgap başlanlarynda tilki öňe düşüpdir. Sakyrtga bolsa tilkiniň guýrugyna ýapyşan eken. Tilki öň baryp, üýşürilen bugdaý däneleriniň üstünde oturjak bolsa:

– Waý, meni öldürdiň – diýip, sakyrtga gygyrypdyr.

Tilki ondan:

– Sen haçan geldiň? – diýip sorapdyr.

Onda sakyrtga:

– Aý, men bireýýäm geldim – diýipdir.

Şeýdip, harmany sakyrtga almaly bolupdyr. Soňra sakyrtga, göle we geçi harmany paýlaşypdyrlar. Tilki bolsa, öz emeline çolaşyp, gallasyz galypdyr.

Ertekini rollar boýunça okamaly.

G ★★ **Gönükme.** Bolan waka tertipsiz ýerleşdirilen. Wakanyň dogry yzygiderligini nomerläň.

☐ Tilki: «Bu meniň atamdan galan miras ýer» – diýipdir.

☐ Bular bugdaýy ekip, orup, hasylyny alanda tilki gelipdir.

☐ Göle, geçi we sakyrtga şärikli ekin ekmäge çykypdyrlar.

☐ Tilki azalyň gulak çöpüni getirmäge gidipdir.

☐ Göle: «Tilki dost, sen bir gün hem işlemediň» diýipdir.

☐ Boş ýatan ýeri ekjek bolupdurlar.

☐ Tilkini ekine şärik etmäge mejbur bolupdurlar.

**Sözlük:** azalyň gulak çöpi – gadymda ýer sürýän gurala sokulýan çöp.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme.** Ertekiniň içinde gatnaşan haýwanlaryň adyny bogna bölüp ýazyň, çekimli we çekimsiz sesleri tapawutlandyryň.

G ★★★ **Gönükme.** Nakyllary okaň we ýazyň.

Ekersiň-orarsyň, eklärsiň-görersiň.
Ekin eken peýda görer.
Ekin ekseň, bugdaý ek, mal baksaň – goýun.

***U, ü* – dodak çekimlisi sözüň birinji we ikinji bogunlarynda ýazylýar.**

G ★★★ **Gönükme.** Bu ertekide gatnaşýan haýwanlara özüňiz at goýuň.

Nusga: Göle – Gäwmiş, …

## GARGA, TILKI WE SYÇANYŇ DOSTLUGY





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bir garga, bir tilki, bir syçan – üçüsi dost bolanlar. Bular ýurt-ýurt gezip ýörkäler, tilki bir tamdyryň içinden ullakan bir tegelek ýagly külçe tapypdyr, ony hem gizläpdir.

Bular gezip ajygypdyrlar, iýer-içer ýaly zat tapmandyrlar. Ahyry tilki:

– Men bir zat tapdym, emma üçimize hiç zat boljak däl. Ýöne birimiz iýsek, doýup hezil edäýjek – diýen.

Syçan:

– Eýle bolsa, bije atyşalyň – diýen.

Olaryň hemmesi syçanyň maslahatyna razy bolanlar.

Onda garga:

– Iň gowusy, ýaş sanaşalyň, kimiň ýaşy uly bolsa, şol iýmeli – diýip, bir maslahat tapan.

Syçan:

– Meniň ýaşym on alty – diýen.

Garga bolsa:

– Meniň ýaşym ýigrimi dokuz – diýen.

Tilki:

– Bow, siz-ä oglanjyk ekeniňiz, şu agajy görýärsiňizmi?! Men jahyl wagtymda, ynha, şu agaç ýaňyja gögeripdi – diýen. Şunluk bilen, ýagly külçäni tilki iýen, agzyndan galanyny hem murtuna çalan.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Kimler dost bolupdyrlar?
2. Tilki näme tapypdyr?
3. Ýagly külçäni kim iýipdir?
4. Siziň dostuňyz barmy?
5. Haýwanlaryň haýsy biriniň häsiýetini siz gowy görmeýärsiňiz? (Görýärsiňiz)



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme.** Ertekidäki her bir haýwana mahsus bolan häsiýetleri belläň.

Nusga: mekir(t)...

Hilegär (...), çal (...), sary (...), gara (...), ýalançy (...), samsyk (...), gagyldaýan (...), kiçi (...).

G ★★ **Gönükme.** Kaleýdoskopy çözüň. Şonda siz ertekilerdäki iň akylly gahrymanyň adyny taparsyňyz.






G ★★★ **Gönükme:** Naharlaryň atlaryny okaň we tagtada bogna bölüp ýazyň.

Çişlik, dograma, palaw, börek, çorba, unaş, mäşewe.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SABYRLY BOL!

*(Erteki)*



I

Bir bar eken, bir ýok eken, bir horaz bilen bir towuk bar eken. Horaz üzümlige girip, bişmedik üzümleri iýmäge başlapdyr. Towuk ony görüp:

– Horaz, iýme, üzüm bişýänçä garaş! – diýipdir.

Horaz onuň aýdanyny etmän, bişmedik üzümleri çokalap-çokalap doýup, zordan öýüne gelipdir-de:

– Wah, öldüm, maňa bir zat boldy – diýip gygyrypdyr. Towuk oňa ýagsürgi beripdir weli, horaz gutulypdyr.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

II

Horaz gutulandan soň, meýdana çykypdyr. Ol derläp çeşmeden sowuk suw içmäge barypdyr. Towuk oňa:

– Horaz, entek garaş, içme, sowuklarsyň! – diýipdir.

Horaz gulak asman, sowuk suwdan içipdir weli, şol wagt gyzzyrma tutupdyr. Towuk ony zordan öýüne getirip, lukmanlardan bir ajy derman alyp beripdir. Horaz köp wagt ýatyp, gyş düşende gutulypdyr.

III

Horaz gutulandan soň, derýanyň doňanyny görüp, buzuň üstünde taýyp oýnasy gelipdir. Towuk oňa:

– Sen howlukma, heniz derýa gaty doňmandyr, buz döwlüp, heläk bolarsyň – diýipdir.

Horaz onuň aýdanyna gulak asman, Ýukajyk doňan buzuň üstüne münüpdir. Buz döwlüpdir we horaz buzuň aşagyna gidip ölüpdir.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ertekiniň gahrymanlary kim?
2. Horaz näme iýip keselläpdir?
3. Ikinji gezek horaz näme üçin keselläpdir?
4. Towuk oňa name maslahat beripdir?
5. Ol towugyň aýdanyny diňledimi?
6. Ol nädip heläk bolupdyr?

G ★ ★ **Gönükme.** Ertekidäki bolan wakalary yzygiderli tertipde nomerläň.

◯ Sen howlukma, derýa gaty doňmandyr.
◯ Horaz, iýme, üzüm bişýänçä garaş!
◯ Horaz, entek garaş, içme sowuklarsyň!



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme:** Nokatlaryň ýerine öz bilýän dag, derýa atlaryny goýup aýdyň.

Men ... suwundan içdim. ... balyk örän köp. ... köp baýlyklar gazylyp alynýar.

G ★★★ **Gönükme:** Ýetmeýän sözleri tapyň.

__________________ ýaly mekir.
__________________ ýaly ýuwaş.
__________________ ýaly hereketjeň.
__________________ ýaly açgöz.

G ★ **Gönükme:** Bogunlary dogry birleşdiriň we sözleri okaň.




## MÖJEK WE ÝEDI OWLAK

*(Erteki)*





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bir bar eken, bir ýok eken, bir geçi bar eken. Onuň ýedi sany owlagy bar eken. Ol tokaýda bir çarma gurupdyr. Geçi her gün tokaýa iýmit gözlemäge gider eken. Onuň giden wagty, owlajyklary çatmalaryny gulplap, öýde bolar ekenler. Geçi gelende, gapyny kakyp:

– Siz owlajyklar!
Siz çagajyklar!
Açaweriň, açaweriň.
Siziň eneňiz geldi
Hem size süýt getirdi! – diýer eken.

Şundan soň owlaklar gapyny açyp, ejeleriniň öňünden çykar ekenler.

Geçi owlajyklaryny naharlap, ýene tokaýa gider eken. Owlajyklar bolsa gapyny pugta ýapar ekenler.

Bir gün bir möjek bu gürrüňleriň hemmesini eşidýär. Geçi tokaýa giden badyna, ol çatmanyň ýanyna gelip, özüniň ýogyn sesi bilen:

– Siz, owlaklar!
Siz, çagalar!
Açyň, açyň
Siziň ejeňiz geldi
Hem size süýt getirdi! – diýýär.

Owlajyklar oňa:

– Biziň ejemiziň sesi inçe bolmalydyr. Seniň sesiň ýogyn çykýar – diýip jogap beripdirler.

Möjek çatma girip bilmän, boş gidipdir.

Ýene geçi gelip, gapyny kakyp, öz sanawajyna başlaýar:

– Siz owlajyklar!
Siz çagajyklar!



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Açaweriň, açaweriň.
Siziň eneňiz geldi
Hem size süýt getirdi!

Owlajyklar ejelerini goýberenlerinden soň, möjegiň gelşini, bulary iýjek bolşuny gürrüň edip beripdirler.

Geçi olary naharlap:

Möjek çatmanyň ýanyna gelip, ýogyn ses bilen gygyrsa ýa-da başga aýdym aýtsa, ony çatma goýbermäň, ýogsam ol siziň hemmäňizi iýer – diýip berk tabşyrypdyr.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Geçi nirede ýaşaýardy?
2. Onuň näçe owlagy bardy?
3. Geçi günde nirä gidýärdi?
4. Geçiniň aýdymyny aýdyp beriň?
5. Bu gürrüňi kim eşidýär?
6. Ol nirä barýar?
7. Owlajyklar näme üçin gapyny açmaýar?
8. Ejesi owlajyklaryna näme owredýär?
9. Geçi nähili haýwan? (Möjek)
10. Geçi we möjegiň her birine degişli häsiýetleri aýdyň:

G **Gönükme.** Tekstiň içinden dodak çekimlisi bar bolan 5 sany söz tapyp ýazyň.

G **Gönükme.** Guşlaryň atlaryny okaň we içinde inçe çekimlisi bar sözleri belläň.

Torgaý, serçe, sülgün, durna, bilbil, düýeguş, gumry.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky tekstde näçe sözlem bar?

Tokaýda agaçlar gür bolup ösýärdi towşan gök otlary otlaýardy awçylaryň sesini eşidip derrew gaçyp gitdi ◯.

G ★★★ **Gönükme.** Nokatlaryň ýerine ýaýyň içindäki degişli bogunlary goýuň.

Ba…, ba…, pal…, ma…, goş…, kä…, alt…, el…, ýet…, Bä…, er…, ga…, kem…,
(şir, lyk, gy, şim, şyn, miş, tir, py, pir, çyk, tyr, myş, li)

## JIGIM BILE

★★★

«Jykyr-jykyr» güle-güle,
Okaýarys jigim bile.
«Kikir-kikir» güle-güle,
Okaýarys jigim bile.





«Pykyr-pykyr» güle-güle,
Kino görýäs jigim bile.
Alýarys biz güle-güle,
Gülek adyn jigim bile.

*M. Söýegow*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Goşgyny ýat tutuň.
2. Goşguda çagalar näme iş edýärler?
3. Olar nähili at alýarlar?
4. Sizi öýde ene-ataňyz oňat görüp, nähili ýüzlenýär?



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★ **Gönükme.** Krosswordy çözüň.

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| K | | | | | |
| I | | | | | |
| T | | | | | |
| A | | | | | |
| P | | | | | |

G ★★ **Gönükme.** Suratdaky sözleri dogry ýazyň.

üýzük, üng, atbbekre, ögz






G ★★★ **Gönükme.** Surata seredip aralykda bolan wakany gürrüň beriň.





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# KITABY AÝAWLY SAKLAŇ!



Kitap gadym zamanlardan bäri gadyrlanyp gelýär. Ata-babalarymyz kitaby eline alanda, ony maňlaýyna, gözlerine degrip togaplapdyrlar. Bu: «Bize bilim berýärsiň, gözümiziň göreji ýaly gorarys», – diýleni. Onuň sahypalaryny ýyrtmak, hapa ýerde goýmak günä hasaplanypdyr. Kitaby mukaddes hasaplapdyrlar!

**Sözlük:**

Togaplamak – gadyrly hasaplamak
Günä – ýaman işler
Mukaddes – iň gowy.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Gadym zamanlarda ata-babalarymyz kitaby nähili saklapdyrlar?
2. Näme günä diýipdirler?
3. Nämäni mukaddes bilipdirler?
4. Siz nähili kitap okadyňyz, gürrüň beriň!
5. Kitaby nähili saklaýarsyňyz?



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**G** ★★★ **Gönükme.** Nakyllary bogna bölüp ýazyň we ýatlaň. Galdyrylan bogunlary ýazyň.

Ki- ... bi-lim bu-...gy.
Bi-...den ar-... baý-... ýok.
(la, tap, lyk, lim, tyk)

**G** ★★ **Gönükme.** Tapmaçanyň jogabyny tapyň.

Dynman okasaň eger,
Köp zatlary öwreder.
Bilseň, jigim oýlap tap
Bilim berýär ol - ...

**G** ★★★ **Gönükme.** Kitap sözüne dogry gelýän sözleri nusgadaky ýaly aýdyň.

Nusga: Kitap – uly, kiçi ...

## KITAP HAKYNDA ERTEKI





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bir bar eken bir ýok eken bir Olýa diýen gyz bar eken. Olýada kiçi suratly kitaplary bar eken. Olýa ejesi ýa-da enesi kitap okap bermegini gowy görýän eken. Ýöne Olýa kitaplary aýawly saklamandyr. Olary şkafda ýygnap goýmaga ýaltanypdyr. Ýere taşlapdyr, sahypalaryny ýyrtypdyr we reňkli galamlar bilen çyzypdyr. Ejesi Olýany käýipdir: «Ine görersiň kitaplar senden gaçyp giderler». Emma Olýa ejesiniň aýdanyna gulak asmandyr.

Bir gije Olýa uklap ýatyrka, iň uly, içinde suratlary köp kitap başga kitaplara ýüzlenip: «Olýa bizi oňat görmeýär. Ol bizi ýyrtýar we ýere taşlaýar. Geliň Olýadan gaçyp gideliň. Goňşy bolup Katýa diýen gyz ýaşaýar. Ol kitaplary oňat görýär, ýöriň şolara baralyň. Ol örän şatlanar!». Şeýdip Olýanyň hemme kitaplary bir hatara durup ondan gidipdirler.

Olýa irden ukudan oýansa, kitaplary ýokmyş. Hemme ýerleri seredip çykypdyr, emma kitaplaryny tapmandyr. Olýa ylgap ejesiniň ýanyna barypdyr we bar bolan zady aýdyp beripdir. Ejesi Olýa: «Men saňa näçe gezek aýtdym. Gördüňmi, kitaplaryň senden öýkeläp, gidip galypdyr». Olýa aglapdyr.

Katýa bolsa irden gapysyny açsa bir topar kitap durmyş.

– Siz bu ýerde nädip dursuňyz? – haýran galyp, sorapdyr Katýa.

– Biz Olýadan gitdik, ol bizi horlaýar. Indi sen bilen ýaşarys, – diýip kitaplar jogap beripdirler.

– Ýok, beýle etmäň. Olýa sizi gözläp ýörendir. Ýörüň sizi öýüňize elteýin – diýip Katýa jogap beripdir.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Katýa kitaplary alyp öýüne eltipdir. Gapyny Olýa açypdyr. Kitaplaryny görüp begenip, Olýa sag bolsun aýdypdyr. Soň Olýa kitaplara ýüzlenip: «Bagyşlaň meni! Men sizi aýap saklamadym. Indi hiç haçan beýle iş etmerin»- diýipdir. Kitaplar oňa ynanypdyrlar. Olar agzybir bolup ýaşapdyrlar. Katýa hem bulara ýygy-ýygydan myhmançylyga gelipdir. Ol Olýadan okamak üçin kitaplary sorap alypdyr we wagtynda gaýtarypdyr.

*Mariýa Şkurina*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1.Olýa kitaplary nähili saklapdyr?
2. Kitaplar nähili karara gelipdirler?
3. Katýa kitaplary gaýtarypdyrmy?
4. Tekstden Olýanyň kitaplardan ötünç soran ýerini tapyp okap beriň.
5. Olýanyň we Katýanyň hereketlerine baha beriň.

G **Gönükme.** Teksti okaň, at beriň, içinden şäher atlaryny saýlap, depderiňize bogna bölüp ýazyň.

Özbegistanda uly şäherler köp. Daşkent, Samarkand, Buhara, Nökis, Ürgenç, Karşy, Jizzah, Gülüstan, Termiz, Nowaýy şäherleri Özbegistanyň iri şäherleridir.

Özbegistan Respublikasynyň paýtagty Daşkent şäheridir. Respublikamyzda Samarkand, Buhara, Hywa we Kokant ýaly gadymy şäherler bar. Şäherlerde we obalarda halklar agzybir ýaşaýarlar we zähmet çekýärler.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Söz seslerden emele gelýär we özbaşdak many aňladýar.

G ★★★ **Gönükme.** Teksti okaň içinde dodak çekimlili sözleri tapyň.

Selbi, Jeren, Mamajan, Polat, Timur we Ruslan çagalar bagyna gatnaýarlar. Çagalar bagynda körpelere gowy seredýärler. Olar oýnaýarlar, şatlanýarlar. Olar bilen dürli maşk dersleri hem geçilýär.

G ★★★ **Gönükme**. Aşakdaky haýwanlaryň haýsylary öýde ýaşaýar. Şol sözlerde çekimli harplaryň sany näçe?



G ★★ **Gönükme.** Näçe bogun bar?





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MEKDEBE BARÝAN




Golumda kitap,
Kitaby söýdüm.
Mekdebiň ady
Dilimde aýdym.

Mekdebiň ýoly –
Arzuwmyň ýoly
Mekdebiň ýoly –
Şatlykdan doly.

*Nury Baýramow*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

Goşguda «Mekdebiň ýoly – şatlykdan doly» diýlipdir. Siziň mekdebiňiziň ýoly nähili, nämeler bar, nämeleri görýärsiňiz? Şatlyklymy?

**Adamyň adyny, onuň özüni aňladýan sözler kim? diýen soraga jogap bolýarlar.**

G **Gönükme.** Kitap nämäni öwredýär? Boş gözenekleri dolduryň.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




G ★ **Gönükme.** Berlen sözlere garşy manyly sözleri aýdyň.

| | | |
|---|---|---|
| Uly – | Ýogyn – | Semiz – |
| Uzyn – | Galyň – | Ýer – |
| Ak – | Gije – | Aý – |
| Yssy – | Ajy – | Gowy – |

G ★★★ **Gönükme.** Ýaňyltmajy tiz aýdyp öwreniň.

Sebetdäki sary käşir
Saralypdyr, solupdyr.
Senem bolsa käşirleri
Suwa salyp goýupdyr.

G ★★★ **Gönükme.** Has gara ýazylan sözler haýsy soraga jogap berýär?

Aşyr **aga** lukman bolup işleýär. Onuň ýanyna günde keselini bejertmek üçin **näsaglar** gelýärler. **Lukman** her bir keseliň derdini üns berip diňleýär. **Adamlar** Aşyr aga sag bolsun aýdýarlar.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# IKI DOST



Bir bar eken, bir ýok eken, bir bulak we daragt bolupdyr. Olar örän agzybir ýaşar ekenler. Bulagyň suwy köpelip aryk emele gelipdir. Nahal bolsa entek näzik, sähelçe şemal tursa yranyp, zordan özüni saklaýardy.

Günler geçiberipdir. Bulak ulalyp arygy dolduryp akyp başlapdyr. Nahal hem ösüp ulalyp başlapdyr. Ýolagçylar hem daragtyň kölegesinde oturyp, bulagyň suwundan hezil edip içip, dynç alardylar. Muny gören daragt:

– Eger bu ýerde men bolmanda seniň ýanyňa kim gelerdi, – diýip öwünipdir. Muny eşidip suw gaty öýkeläpdir we özüniň akymyny özgerdipdir. Şondan soňra daragtyň köküne bir damja-da suw barmandyr.

Köp wagt geçmän onuň ýapraklary dökülip başlapdyr.

Daragt özüniň ýalňyşyny düşünipdir we:

– Dostum meni bagyşla, gel ýene agzybir bolalyň, – diýipdir.

*Zamira Ibrahimowa*



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Kimler dost bolupdyr?
2. Çynar näme diýip öwünýär?
3. Suw näme üçin öýkeläpdir?
4. Çynar näme diýip ötünç sorapdyr?
5. Çynaryň ötünç soran ýerini tapyp okaň.

G ★ **Gönükme.** Nokatlaryň ýerine şol zadyň reňkini, formasyny aňladýan sözi tapyň.

Çynar: uly, kiçi,
Daragt – ..., suw –..., çeşme – ..., gün – ....

G ★★★ **Gönükme.** Berlen sözler bilen sözlem düzüň.

Turşy çal. Uzyn agaç. Gyzykly kitap. Gülli köýnek. Süýtli sygyr. Ala güjük. Gyzyl alma.

G ★ **Gönükme.** «Tersini aýt» oýny. Bir okuwçy bir söz aýtsa, ikinji okuwçy garşy, ters sözi aýtmaly.

Uly - , beýik - , köp - , gije - , güýçli - .

G ★★★ **Gönükme.** Surata seredip 2-3 sözlem düzüň.

Suratda biz kimleri görýäris?
Ejesi näme iş edýär?
Gyz ejesine nähili kömek berýär?



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# KITABYM, JAN KITABYM





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bilim, paýhasdan doly,
Dostum, gadyrdanym sen,
Mana baýdyr her sözüň,
Kitabym, jan kitabym!

Şatlyga dolar dilim,
Alýaryn senden bilim,
Bilbildek saýrar dilim,
Kitabym, sen kitabym!

Elimden hiç goýmaryn,
Okap-okap doýmaryn,
Geljegime baglaryn
Kitabym, jan kitabym!

*Dilşat Rejep*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Siz nähili kitaplary bilýärsiňiz?
2. Siz haýsy kitaby gowy görýärsiňiz?
3. Siz öz kitabyňyzy çykarmak isleýärsiňizmi?
4. Goşgyny okaň we ýat tutuň.

**Predmetleri we haýwanlary aňladýan sözler näme? diýen soraga jogap bolýarlar.**

G **Gönükme.** Has gara ýazylan sözler näçe bogundan ybarat?

**Kitaplaryň** görnüşleri örän köpdür. Biz **mekdepde** ene dili, matematika, terbiýe ýaly kitaplary okaýarys. Bu kitaplara – okuw kitaplary ýa-da **derslikler** diýilýär. Içinde goşgy, **aýdym,** erteki ýazylan kitaplar hem bar. Bulara – **çeper** edebiýatlar diýilýär.

G **Gönükme.** Sözler nähili soraga jogap berýär?

Aýy, gar, bäbek, gant, türgen, şahyr, towşan.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MYHMAN GARŞY ALMAK



Myhman garşy almak nähili gowy! Ata-babalarymyz: «Myhman atańdan uly» diýipdirler.

Bu sözüň örän uly manysy bar. Hemme adamlar ata hormat goýýarlar.

Myhmanyň atańdan uly hasaplanmagy hormatyň ýokary derejesidir. Myhmany güler ýüz bilen garşy almaly. Bu siziň myhman gelenine begenýändigiňizi görkezýär.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Tekstden myhman hakyndaky nakyly tapyp okaň we hemişe ýadyňyzda saklaň!
2. Siz myhman garşy aldyňyzmy?
3. Size kim myhman bolup geldi?



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme.** 3–4 okuwçynyň gatnaşmagynda «Myhmançylykda» sahnasyny gurnaň. Ulanylýan sözlere we sözlemlere üns beriň.

– Myhmana sizläp gepläň!
– Myhmana mylaýym boluň!
– Myhmanyň gürrüňini üns bilen diňläň!
– Myhmanyň soragyna edep bilen jogap beriň!

G ★★ **Gönükme.** Myhman üçin düşelen saçaga goýjak azyklarymyzy ulanyp krosswordy çözeliň.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| S | | | | |
| A | | | | |
| Ç | | | | |
| A | | | | |
| K | | | | |





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme.** Sözlemleri dogry tertipde ýerleşdiriň.

◯ Aşyr aga gülüp, hoşlaşyp gitdi.
◯ Dynç alyş güni bize myhmançylyga Aşyr aga geldi.
◯ Biz hezil edip diňläp oturdyk.
◯ Olar atam bilen ýaşlygyny ýatlap, gülüşip oturdylar.

G ★ **Gönükme.** Izografy çözüň. Wertolýotyň suratyndaky ähli harplary tapyň.



## TILKI WE DURNA

*(Erteki)*

★★★ Bir tilki bilen bir durna ikisi dost bolupdyrlar. Tilki durna:

– Dostum, bize bir myhmançylyga gel. Gör, men saňa nähili söwüş ederin! – diýipdir.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Durna tilki dostunyňka myhmançylyga barypdyr. Tilki oňat nahar bişiripdir. Nahary bolsa bir telper tabaga guýupdyr-da:

– Al, durna dost, iý, örän süýji nahardyr – diýipdir.

Durna çüňki bilen tabakdaky nahardan iýjek bolup, tyk-tyk edipdir weli, onuň aňyrsyna zat barmandyr. Tilki naharyň ählisini dili bilen ýalap iýipdir-de:

– Durna dost, aýyp etme, başga-da iýer ýaly zadym ýok – diýipdir.

Durna hem:

– Sag bol, dost, ýöne sen hem bize myhmançylyga geleweri. Men hem saňa örän süýji nahar bişirip bereýin – diýipdir.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Şeýlelikde, tilki hem ertesi durnanyňka myhmançylyga barypdyr. Durna hem bir süýji nahar taýýarlap, ony küýzä guýupdyr-da:

– Tilki dost, iýeweri, örän süýji nahardyr. Meniň-ä şundan başga berere zadym ýok – diýipdir.

Tilki küýzäniň daşyna aýlanyp, eýdip iýjek bolupdyr, beýdip iýjek bolupdyr. Emma küýzäniň agzyna onuň burny sygmandyr. Ysgap görüpdir:

Onda durna:

– Iý, dostum tilki, örän süýjüdir – diýipdir-de, uzyn aýaklarynyň üstünde durup, uzyn çüňküni küýzä sokup, onuň içindäki nahary ýeke özi iýip gutarypdyr.

Soňra:

– Tilki dost, başga-da berere zadym ýok – diýipdir.
Şeýlelikde, tilki öýüne aç gaýdypdyr we ikisiniň dostlugy hem tamam bolupdyr.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Tilki näme bilen dost bolupdyr?
2. Tilki durna nähili hyzmat edipdir?
3. Tilkiniň eden işi dogrumydy?
4. Soňra durna näme edipdir?
5. Bularyň dostlugynyň soňy nähili bolupdyr?
6. Bularyň eden işlerini siz nähili görýärsiňiz?
7. Siziň tilki, durna ýaly dostlaryňyz barmy?

Siz doglan günüňize synpdaşlaryňyzy myhman edip çagyrsaňyz aşakdakylara üns beriň:

Myhmançylyga 2–3 gün öňünden çagyrmaly.

Olary hormat bilen garşy almaly.

Getiren sowgatlar üçin minnetdarlyk bildirmeli.

Hemme myhmanlara bir deň üns berip, ýagdaýyndan habar almaly.

Öňünden bişiriljek naharlar, oýnaljak oýunlar hakynda aladalanmaly.

Myhman üçin hem göwnüňizi, hem eliňizi açmaly. Süýji naharlary bişirip myhmanlary sylamaly.

G ★ **Gönükme.** Tekstden kim? näme? diýen soraglara jogap bolýan sözleri tapyň. Sözlerde näçe çekimli bar?

Myhman garaşylýan bolsa, onda örän gowy taýýarlyk görülýär. Ilki bilen öýüň içi, daşy tämiz edilip süpürilýär we ýuwulýar. Soňra myhman üçin owadan saçak düşelýär. Saçaga dürli süýji miweler, şirinlikler goýulýar. Otag myhmana oňaýly bolar ýaly edip düşelýär.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**G** ★★ **Gönükme.** Zynjyrdaky ähli sözleri tapyň.




**O** ★★★ **Oýun.** Ýoldaşyňyzyň aýdan sözüniň ahyrky harpyna degişli söz bilen oýuny dowam ediň. Aýdan sözüňiz näçe bogundan ybarat?

## MYHMAN ÇAGYRMAK NÄHILI GOWY

Şu gün biz siziň bilen doglan güne çakylyk haty taýýarlamagy öwreneris.





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Sylaşykly sözleri ýatda saklaň!
– Essalawmäleýkim, ýagdaýlaryňyz nähili?
– Geliň, geçiň, çaý içiň, hoş, sag boluň, bize ýene geliň.

**Şäher, oba**
**Dag, derýa**
**Ýer, ýurt**
**atlary baş harp bilen ýazylýar.**

G **Gönükme.** Goşgyny okaň we manysyny gürrüň ediň.

Goýdular desserhana,
Uly tabakda palaw,
El uzatdy Şadybaý
Birinji bolup derrew.

*Ýu. Talypow*

Şadybaýyň bu işi edepliniň işimi?

G **Gönükme.** Goşgyny labyzly okaň.

**Tal**

Bu tal meniň talym,
Hemmämiziň talymyz.
Suw guýuşyp, birleşip,
Kömek beriň, geliň siz.

Saýasynda köp adam,
Rahatlansyn, alsyn dem.
Şonuň üçinem ony,
Ýol çetine ekdim men.

*Eziz Abdyrazzak*

G **Gönükme.** Grammatiki mysaly çözüň.

KÄDI- D+Ş+R=



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# V BAP
# GÖWÜN WE DIL



## KÖP OKAN, KÖP BILER



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GOŞGY BOLÝAN SÖZLER

Çagalar siz bilýärsiňiz goşgy ýazýan adamlara şahyr diýýärler. Olar ýaşlykdan köp kitap okaýarlar. Tekstleri ýa-da goşgulary okanda onuň manysyna üns berip okaýarlar.

Goşgy ýazmak üçin örän uly söz baýlygy gerek. Sebäbi goşgy ýazanda sözlere meňzeş rifmalary tapmaly. Onuň üçin köp söz bilmeli. Bu sözlere rifma diýilýär. Mysal üçin, köýnek-äýnek-çäýnek. Bu sözleriň soňy bir-birine meňzeýär. Biz hem siziň bilen goşgularyň nähili ýazylyşyny öwreneliň.

Ýaşlykda goşgy ýazan adam hökman şahyr bolar diýildigi däl. Ýöne ol oňat adam bolup ýetişer.

Goşgy – bu hakyky sungatdyr. Ol bize şatlyk paýlaşýar. Bizi owadan we akylly edýär.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Goşguda esasy sözlere näme diýýärler?
2. Siz goşgy ýazýarsyňyzmy?
3. Goşgy ýazan adamlara kim diýýärler?
4. Üns berip okaň. Tekstlerde näme tapawut bar.

1. Garlawaç gaýyp uçar,
Ganatyn ýaýyp uçar.
Nowruzda gazan dolsa,
Ilimizi bagt guçar.



2. Baharyň gelmegi bilen garlawaçlar ganatlaryny ýaýyp uçup gelýärler. Nowruz baýramy bellenýär.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gazanlarda semeni gaýnaýar. Adamlar şadyýanlyk bilen baýram edýärler.

**Goşguda kapyýa (rifma) bolýar.**
**Rifmasyz tekstlere proza diýilýär.**

Ýokardaky goşguda uçar-guçar sözleri kapiýadyr. Olaryň soňky harplary birmeňzeş. Rifma sözler: açar-gaçar, meýdan-seýran, öý-möý, çorba-torba.

G **Gönükme.** Aşakdaky goşguda rifma sözleri aýdyň.

## KÖŞEJIK

Mährlidir ýaşajyk,
Egri boýun köşejik.
Patanaklap «bö» edip
Eder oýun köşejik.



Taýjagazdan uly ol,
Söýýär otluk çöli ol,
Haşal ýa körpe bolsun,
Ýa ýandak arpa bolsun.

Syryp, düýrüp ýörendir.
Ot seljermez, horandyr.
Iýsin-iýmesin, mydam
Gäwişäpjik durandyr.

*A.Baýmyradow*



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky tekstleriň haýsy goşgy we haýsy proza. Sebäbini düşündiriň.

Uçuň erkana, guşlar,
Uçuň erkana.
Asmanam durna uçsa,
Bormuş görkana.

Baharda tebigat örän owadan bolýar.
Miweli agaçlar gülläp daş-töwerege görk berýär.
Çagalar hezil edip howluda oýnaýarlar.

Barha galyp has belende,
Gök bahary söýýär erik.
Gülli bahar her gelende,
Akja köýnek geýýär erik.

*P. Öwezliýew*

G ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky tekstleriň haýsy proza haýsy goşgy?

Men mekdebe, kluba, uçastoga bardym. Ol ýerden seni tapyp bilmedim. Okuwçylar, siz gazetlere, žurnallara ýazylyň.

Suw içinde ýüzmäge gaty çakgan, ökde biz. Soraberiň, aýdarys deňiz, derýa hakda biz.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# BILMEZEGIŇ GOŞGY DÜZÜŞI HAKDA



Bilmezek şahyr Güljagazyň ýanyna gelipdir-de:

– Güljagaz dostum, maňa-da goşgy düzmegi öwret. Men hem şahyr bolmak isleýärin- diýipdir.

– Sen rifmalary bilýärmiň? – diýip Güljagaz sorapdyr.

– Rifma diýen näme? Ýok bilmeýärin.

– Rifma bu soňy birmeňzeş bolan sözler. Mysal üçin: ördek-gödek, köke-mekge. Düşündiňmi?

– Düşündim.

– Gel onda «taýak» diýen söze rifma aýt.

– Balyk, – diýipdir Bilmezek.

*N.Nosow*



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Hekaýanyň gahrymanlary kim?
2. Olaryň haýsysy şahyr eken?
3. Güljagaz goşgy ýazmak üçin näme bilmeli diýipdir?
4. Bilmezek rifmany dogry aýdypdyrmy?
5. «Taýak» diýen sözüň rifmasyny belki sen bilersiň?

G ★ **Gönükme.** Sözlerden peýdalanyp goşgyny dowam ediň.

Joş, baharym!
Joş, baharym, joş, baharym!
Hemme senden hoş baharym.
Ýaşyl donun egne atdy,
Dag-derýa, oba, ...
(naharym, mekdebim, şäherim)

Gözeli sen pasyllaryň,
Hezili sen pasyllaryň,
Her güýz aýynda alynýan,
Sen enesi ...
(hasyllaryň, kitabyň, ruçkanyň)

*G.Ezizow*

G ★ **Gönükme.** Awtor berlen sözleriň haýsysyny saýlapdyr. Näme üçin?

Alny sakar owlagym,
Meniň togar … (owlagym, pişigim)
Emzikden süýt bereýin,
Terje gök ot bereýin.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Tiz ulal-da ös senem,
Çopan bolaýyn menem.

*A.Annamyradow*

G ★★★ **Gönükme.** Goşga at goýuň we oňa degişli surat çyzyň.

____________________

Sen guwanjym, geregim,
Şirin dilli dutarym.
Mydam küýsär ýüregim
Şirin dilli dutarym.

*A.Taganowa*

## GELIŇ GOŞGY ÝAZMAGY ÖWRENELIŇ

Bägül sözüne rifma tapalyň.
**Mysal üçin:** Bägül sözüň rifmasy gül sözi.
Açyldy bägül
ol owadan gül.
Şeker – çeper, ýagyş – nagyş, dutar – saýrar

G ★★ **Gönükme.** Berlen goşgyny ahyryna ýetirmeli.

Eý, eziz dostum,
Elimde galam.
Saňa ýazýan hat,
Ýalkymly ...!

G ★★★ **Gönükme.** Goşguda setirleriň yzygiderligini dogurlaň.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Baly baryp öýne goýdy.
Bal ary güle gondy,

G ★★★ **Gönükme.** Goşgulardaky rifmalary aýdyň.

## MEKDEP BAGYNDA

Gün mele zülpüniň tylla taryny
Her gün bagymyzyň üstüne döküýär.
Begres geýen erik, alma, naryny,
Göýä synlaýan dek ýylgyryp bakýar.

Okuwçylar öz ösdüren bagynda,
Üýşüp okaýarlar gyzykly kitap:
Oturýarlar elleri boş çagynda
Geçen sapaklaryn bir-bir gaýtalap.

*D.Baýmuradow*

G ★★★ **Gönükme.** Kaleýdoskopy çözüň. Ertekiniň adyny tapyň.









Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## PASYLLAR BAŞY



Ne yssy bar, ne sowuk,
Heýjanelek, janelek!
«Garry mama» asmanda
Dynman eleýär elek.
Başy seleň telpekli
Otyr sansyz kömelek.

Gezseň gözläp kömelek,
Hiç ýadawlyk duýmarsyň.
Näçe ýagsa-da ýagyş,
Üşemersiň, buýmarsyň.
Ujy çişli taýagyň
Asyl elden goýmarsyň.

Kömelegiň barysyn,
«Özüm ýygsam» diýersiň.
Duz sepipjik bişirseň,
Işdä bilen iýersiň ...

*Ý. Pirgulyýew*



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Goşguda haýsy pasyl barada gürrüň berilýär?
2. Siz ony nähili bildiňiz?
3. Siz kömelek tapyp gördüňizmi?
4. Kömelek sözünde näçe bogun, näçe harp, näçe çekimli, näçe çekimsiz bar?
5. Bir ýylda näçe pasyl bar?

G ★★★ **Gönükme.** «Pasyllar başy» atly goşguda rifma sözleri aýdyň.

**Predmetiň hilini aňladýan sözler nähili?, neneňsi? diýen soraga jogap bolýarlar.**

G ★ **Gönükme.** Surat boýunça hekaýa düzüň. Hekaýada näçe sözlem bardygyny aýdyň.



Surat boýunça hekaýa düzende aşakdakylara üns beriň:



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Hekaýany at bermekden başlamaly.

2. Ilki bilen eger hekaýa pişik hakynda bolsa onuň daşky görnüşini (reňki, görnüşi), soň onuň nirede ýaşaýandygy, näme bilen iýmitlenişi, adamlara näme peýda getirýändigi hakynda aýtmak mümkin. Eger hekaýa bir zat hakynda bolsa, onda bu zadyň näme üçin gerekdigi, ondan nädip peýdalanmak mümkindigi hakda aýtmaly. Ol nähili materialdan ýasalandygyny we ol haýsy böleklerden ybaratdygy hakynda aýtmak mümkin.

3. Hekaýa bir ýa-da iki sözlemden ybarat netije bilen gutarmaly.

G ★★★ **Gönükme.** Okaň we göçüriň. Bu ýerde näçe sözlem bardygyny aýdyň.

Gülaýym her gün ir turýar düşegini ýygnaýar soňra ýuwunýar ertirlik edinýär okuwa gidýär ol hatyny arassa ýazýar men Gülaýym bilen bir partada oturýaryn ☐.

## GÜNÄKÄR, SABYN

★★★

Nämüçin eliň,
Gara kir Nerli?
Ýuwaňokmy ýa
Elleriň kirni?



– Maňa bahana
Tapýaň diýýärler.
Kemçilikleriň
Ýapýaň diýýärler.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýogsam geýimlem,
Kirli däl asyl.
Wagt tapsam ýüzüm
Ýuwjak-la basym.

Ýöne bir zady,
Bilmegňiz gerek.
Çünki sabynlaň
Hili biderek.

Ýuwunsam-da men,
Her ýylda telim.
Aýranok sabyn
Kirlermi meniň.

*A. Akmyradow*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Goşguda kim hakynda aýdylýar?
2. Nerli nähili oglan eken?
3. Nerli nähili bahana tapdy?
4. Siziň synpyňyzda Nerli ýaly çagalar barmy?
5. Goşgudaky wakalary öz sözleriňiz bilen beýan ediň.

G **Gönükme.** Kaleýdoskopy çözüň. Ertekiniň adyny tapyň.









Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme:** Soraglara jogap ýazyň.



Totuguş (nähili?)____________________
Güller (nähili?)_____________________
Howa (nähili)_______________________

G ★★★ **Gönükme.** Suratda görýän zatlaryňyzyň atlary näçe bogundan ybarat?





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# NAKYLLAR

## Watan hakyndaky nakyllar

Nakyllar halk tarapyndan döredilýär. Ol köp asyrlaryň dowamynda nesilden-nesle geçip gelýär. Nakyllarda öwüt-nesihat berilýär. Nakyllar dürli temalarda bolup bilýär. Häzir biz Watan hakyndaky nakyllary öwreneris. Watan hakyndaky nakyllar watany söýmegi, wepaly bolmagy, ony gözüň göreji ýaly goramagy öwredýär. Watan bu Adam üçin mukaddesdir. Her bir Adam öz doglan ýerini, obasyny, şäherini oňat görmelidir. Onuň gülläp ösmegi üçin, oňat okap, gowy käri ele alyp hyzmat etmelidir. Aşakda Watan hakynda nakyllar getirilen. Olary okaň we mazmunyny gürrüň beriň:

Watan – ýeke-täkdir.
Ata Watan aman bolsa, reňki-roýuň saman bolmaz.
Ilim abat – özüm abat.
Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn.
Il aman – men aman.

?! **Soraglar we ýumuşlar.**

1. Nakyllary kim döredýär?
2. Haýsy temadaky nakyllary öwrendik?
3. Watan hakyndaky nakyllar nämäni öwredýär?
4. Watan hakyndaky nakyllary ýatlaň.

G **Gönükme.** Aşakdaky nakyllary dogry ýygnaň.

| | |
|---|---|
| Işlemedik | kerwen geçer |
| Alym bolma | Atandan uly |



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
| It üýrer | magtar |
| Akylsyz özüni | dişlemez |
| Myhman | adam bol. |

G ★★★ **Gönükme.** Nakyllary dogry aýdyň.

Ýatan öküze iým (ýok, bar).
Eli usully, kisesi (pulsuz, pully).
Sakawuň soňuna (seretme, seret).
Täze küýzäň suwy (yssy, sowuk)

G ★★★ **Gönükme.** Artykmaç nakyly tapyň we düşündiriň.

«Okadym» diýme, «bildim» diý.
Okamak – iňňe bilen guýy gazmak.
Okan il ozar, okamadyk tozar.
Göz göze tüşse, mähir oýanýar.

## Zähmet hakyndaky nakyllar

★★★ Öýde her bir maşgala agzasynyň etmeli işi bolýar. Kimdir aşhanada enesine kömek edýär, kimdir gülleri suwarýar, kimdir towuklara iým berýär. Adam zähmet çekip hereketlense onuň saglygy hem oňat bolýar. Zähmet çeken adamy hemme hormat edýär. Ýaşlykdan her bir işi öz wagtynda ýerine ýetirmegi endik etmeli. Ata-babalarymyz hem zähmetiň adama peýda getirýändigini aşakdaky nakyllar arkaly nesihat edipdirler:

Iş bitirseň, il tanar.
Işi ýoguň aşy ýok.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Işsiz gelip,  işlini işdan goýýar.
Işiň aňsadyny ýalta tapar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Sen öýde ene-ataňa haýsy işleri ýerine ýetirmäge kömek edýärsiň?
2. Zähmetiň adama peýdasy barmy?
3. Zähmet baradaky nakyllary ýatlaň.

**Gymyldy hereketi aňladýan sözler näme etdi?, näme etdiler?, näme edýär?, näme edýärler?, näme etjek?, näme etjekler?, näme eder?, näme ederler? diýen soraga jogap bolýarlar.**

G **Gönükme.** Goşguny okaň. Maral gyz ejesine haýsy işleri ýerine ýetirmäge kömek edýär? Maralyň jigisiniň ady kim? Maral zähmetkeş gyzmy?

**Maral bilen ejesi**

– Üwre, jigiň Merjeni!
– Bor, eje.
– Çaý goýupdym gör şony!
– Bor, eje.
– Hapa gapy, penjire!
– Bor, eje.
– Suw ber ülje, injire!
– Bor, eje.
– Bulam-bujar aşhana!



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Bor, eje.
– Ýat tutmaly goşgam-a!
– Bor, eje.

*Ýa.Saparow*

G ★ **Gönükme.** Nakyly surat arkaly şekillendiriň.

Zähmet çekseň bag bolar, çekmeseň dag.

## KIM GÜNÄLI?



Kowalady Arzygül,
Böküp gitdi pişijek.
Jamda duran gatygy
Döküp gitdi pişijek.

Elin çarpdy Arzygül:
«Ejem gelse görersiň.
Munuň üçin, garagol,
Indi burçda durarsyň».

Gelip görse ejesi,
Halyň üsti zaýady.
Ony pişik dökse-de
Arzygüle käýedi.

Näme üçin beýtdi-kä.
Bilýäňizmi, siz ony?
Pişikmi ýa Arzygül
Haýsy etdi günäni?

*M. Seýidow*



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Goşgy näme hakynda?
2. Arzygül bilen pişigiň haýsy günäli?
3. Siz ony nähili bildiňiz?
4. Şu bendi depderiňize ýazyň we kapiýadaş sözleri tapyň.
5. Goşgyny ýat tutuň.
6. Bu goşga laýyk gelýän nakyl tapyň.

G **Gönükme.** Okaň, has gara ýazylan sözleri dilden bogna bölüň. Näme edýär? diýen soraga jogap bolýan sözi tapyň.

## Käkilik

**Käkilik** dag gözelliginiň ýaraşygydyr. Ol ýaz aýlarynda **dag** depelerinde bolýar. Olar örän çalt **uçýarlar**. Onuň käkeleýän sesi diýseň **ýakymlydyr**.

G **Gönükme.** Okaň, tekstde näçe sözlem bardygyny aýdyň. Has gara ýazylan sözleriň ýazylyşyna üns beriň. Sözlerde näçe çekimli, çekimsiz ses we bogun bar.

## Şahymerdan

**Şahymerdan** – Fergana jülgesiniň iň ajaýyp ýerlerinden biri. Ol ýerde **dynç** alynýan ýerler örän köp.

Şahymerdanyň golaýyndaky dagyň çür depesinde **alpinistler** maşk edýärler.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★ **Gönükme.** Sözleri yzyndan okaň we artykmajyny aýdyň.

Ylah, nanab, fakş, çygruto.
Roziwelet, teşnalp, amla, nofelet.
Kytag, narýa, ezikeç, tnag.

## ŞALGAM



★★★ Bir garry baba şalgam ekipdir. Şalgam örän ullakan bolup ýetişipdir. Baba şalgamy goparjak bolup, çeke-çeke goparyp bilmändir.

Baba kömege çagyrypdyr mamany. Mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändirler.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mama çagyrypdyr agtyjagy. Agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändirler.

Agtyjak çagyrypdyr güjügi. Güjük tutupdyr agtyjagy, agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändirler.

Güjük çagyrypdyr pişigi. Pişik tutupdyr güjügi, güjük tutupdyr agtyjagy, agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändirler.





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Pişik çagyrypdyr syçany. Syçan tutupdyr pişigi. Pişik tutupdyr güjügi, güjük tutupdyr agtyjagy, agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparypdyrlar şalgamy.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Kim şalgam ekipdir?
2. Şalgam nähili bolupdyr?
3. Baba kimi kömege çagyrypdyr?
4. Soňra kimler kömege gelipdir?
5. Iň soňunda kimiň kömegi bilen şalgamy goparypdyrlar?
6. Bu erteki üçin nähili nakyl ulanmak bolar?

G ★★★ **Gönükme.** Sözlemleri okaň we tekstde duş gelýän derýalaryň atlaryny aýdyň.

Özbegistanda Amyderýa, Syrderýa ýaly uly derýalar bar. Olaryň suwundan peýdalanýarlar. Amyderýadan köp balyk tutýarlar. Aksuw, Güzer derýa atlarydyr.

G ★ **Gönükme.** Sözlemleri göçüriň. Degişli ýerinde nokat goýuň.

Derýalaryň suwy süýji bolýar Biziň ýurdumyzda Gurama, Fergana, Nurata ýaly dag ulgamlary bar Garadagdan mermer alynýar.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# VI BAP
# YLYM WE TEHNOLOGIÝALAR





## ÝERIŇ ÝÜZÜNDE ZÄHMET WE YLYMDAN BELENT GÜÝÇ ÝOK



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## PLANETALAR WE ÝYLDYZLAR



Biziň ýaşaýan ýerimiz – bu örän uly şar. Onda deňizler, derýalar, daglar, gumluklar we tokaýlar bar. Şeýle-de ýerde adamlar ýaşaýar. Biziň ýerimiz we onuň daş-töweregindäki zatlara bilelikde älem giňişligi ýa-da kosmos diýilýär. Biziň Ýer planetamyzda başga-da planetalar we ýyldyzlar bar. Ýyldyzlar bu ägirt uly ýalpyldaýan şarlar. Gün hem ýyldyz. Ol Ýere ýakyn ýerleşýär. Şonuň üçin biz ony görýäris we onuň yssysyny duýýarys.

Ýyldyzlary biz diňe gijesine görýäris. Gündiz günüň şöhleleri güýçli bolany üçin biz olary görüp bilmeýäris. Günden hem uly ýyldyzlar bar.

Gün we Günüň töwereginde aýlanýan ähli planetalar Gün sistemasydyr. Günüň nury we yssysy Ýere ýagtylyk berýär we gyzdyrýar. Ýerden başga Gün sistemasynda ýene-de 8 sany planeta bar. Olaryň her biriniň öz ýoly bar. Şol ýola orbita diýilýär.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme:** Suratda näme çyzylan?



Planetalary ýatda saklaň:

Bir – Merkuriý,
Iki – Wenera,
Üç – Ýer,
Dört – Mars.
Bäş – Ýupiter,
Alty – Saturn,
Ýedi – Uran,
Ondan soň – Neptun.
Ol sanawda sekizinji.
Iň soňkusy Pluton.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Sanawda ol dokuzynjy.

Ýupiter — iň uly planeta. Eger ony uly garpyza meňzetsek, onda Pluton planetasy onuň ýanynda noýba ýaly bolup görüner.

## AÝ



Aý Ýeriň hemrasy. Planetalar Günüň töwereginde aýlansa, Aý Ýeriň töwereginde aýlanýar.

Aýy biz günde her hili görnüşde we ululykda görýäris. Bu näme üçin? Sebäbi Aý özi şöhle çykarmaýar. Ol günuň şöhlesi bilen ýagtylanýar. Şonuň üçin Aý günde dürlüçe görünýär.

Aýda alymlar boldular. Ol ýerde suw we howa ýok. Şonuň üçin ol ýerde ýaşaýyş hem ýok. Aý Ýerden



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4 esse kiçi. Bu tereziniň bir tarapyna Ýeri goýsak, beýleki tarapyna 4 sany Aýy goýmak diýmekdir. Aý bilen Ýeriň arasyndaky uzaklyk 384 000 kilometr.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ýeriň hemrasy näme?
2. Aý haýsy planetanyň daşynda aýlanýar?
3. Aý ulumy, Ýer?
4. Näçe esse uly?
5. Aýda ýaşaýyş barmy? Näme üçin?

G ★ **Gönükme.** Aşakdaky pikirler dogrumy?

1. Aý Ýerden uly.
2. Aý ýagtylyk çykarmaýar, ol gün şöhleleri tarapyndan ýagtylanýar.
3. Aýda suw we howa bar.
4. Aý Ýeriň hemrasy.
5. Aýda adamlar ýaşaýar.
6. Ýerde adamlar Aýy hemişe tegelek görýärler.
7. Aý kub görnüşinde.
8. Aýdaky deňizlerde suw köp.
9. Aý günüň daşyndan aýlanýar.
10. Aý hemişe tegelek görünýär.

**Sözlem – sözlerden düzülip, gutaran bir pikiri aňladýar.**
**Sözlem iki we ondan hem köp sözden düzülýär.**



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme.** Sözlemleri göçüriň.

Aý Ýerden kiçi bolan daş şardyr. Ol planetamyzyň töwereginde aýlanýar. Aý Ýeriň hemrasydyr.

G ★★★ **Gönükme.** Planetalaryň ady ýazylan kagyz böleklerini alyň. Synp tagtasynda günüň suraty ýelimlenen. Gün sistemasyndaky planetalary tertip bilen onuň daşynda ýerleşdiruň.

G ★★★ **Gönükme.** Goşgyny okaň we ýat tutuň.

## KOSMOS

Asmanyň ýüzi
Ýyldyzdan doly
Ýüz müň gülýaka
Dakynan ýaly.

Şäherler döräp,
Kem-kemden ýitýär.
Asyr yzyndan
Asyrlar ötýär.

Ýyldyzlar welin
Durlar üýtgemän.
Adamlar, aýdyň!
Ýyldyz nämekän?

*K. Taňrygulyýew*

**Sözlük:** 1 asyr – 100 ýyl



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## AÝDA MYHMANÇYLYKDA

Aý – Ýeriň emeli hemrasy. Biz Ýerden aýyň diňe bir tarapyny görýäris. Aýda suw hem, atmosfera hem ýok. Aýda bolup geçýän wakalary öwrenmek üçin alymlar köp barlaglary alyp barýarlar.

Ilkinji gezek kosmiki raketa 1959-njy ýylda Aýa tarap uçdy. Ol Aýyň töweregini köp gezek aýlanyp, ony surata düşürýär.

«Lunohod» Aýa birinji gezek baran apparatdyr. Soňra amerikaly astronawtlar 1969-njy ýylda Aýda boldular. Aýda gözegçilik edýän apparat goýdular. Aý jynsyndan barlag etmek üçin aldylar.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Aý name?
2. Kosmiki raketa ilkinji gezek Aýa haçan uçuryldy?
3. Aýa ilkinji baran apparatyň ady näme?

**G** **Gönükme.** Goşgyny okaň we ýazyň. Asman, ýyldyzlar barada ene-atalaryňyz bilen gürrüňleşiň. Biziň ýaşaýan planetamyzyň ady näme?

### ÝER ŞARY

Planetamyza,
Seretseň Aýdan.
Uly däl asyl
Kiçijik jaýdan.

*K.Taňrygulyýew*



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ILKINJI KOSMONAWT



Adamlar köp asyrlardan bäri ýyldyzlara uçmagy arzuw edip gelipdirler. Şol arzuwlary ilkinji bolup Ýuriý Alekseýewiç Gagarin amala aşyrdy. Ýuriý Gagarin 1961-nji ýylyň 12-nji aprelinde dünýäde birinji bolup kosmosa uçdy. Ol «Wostok» korablynda 1 sagat 48 minutda Ýeriň daşyna bir gezek aýlanyp çykýar. Şondan bäri 12-nji aprel kosmonawtlar güni diýip bellenilýär.

Häzirki wagtda Ýuriý Gagariniň işini dowam edip kosmosa uçýan kosmonawtlar köp. Olar aýlap kosmos korabllarynda uçup, açyk kosmosa çykýarlar, dürli laboratoriýa barlaglaryny geçirýärler. Emma Ýuriý Gagariniň eden edermenligi hiç haçan ýatdan çykmaýar.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Kosmosa ilkinji uçan kosmonawt kim?
2. Ol haçan uçdy?
3. Ol näçe wagtda Ýeriň daşyna bir gezek aýlandy?
4. Siz başga ýene haýsy kosmonawtlar barada bilýärsiňiz?

G ★ ★ ★ **Gönükme.** Teksti okaň.

Kosmonawtlar kosmosa kosmos gämisinde uçýarlar. Gämilerde olar barlag işlerini alyp barýarlar. Olar kosmosa dört basgançakda çykýarlar. Kosmonawtlar açyk kosmosa birnäçe gatlakdan ybarat bolan ýörite eşikde – skafandrada çykýarlar.

Ýumuş: Täze sözleri aýdyp öwreniň. Ululardan ýene nähili täze sözler bardygyny soraň.

G ★ **Gönükme.** Okaň, Tekst näme hakynda ýazylan.






Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gadym zamanlarda adamlar belent asmanda uçmagy arzuw edipdirler. Ertekilerde, rowaýatlarda uçýan halylar barada ýazypdyrlar. Häzirki wagtda olaryň arzuwlary hakykata öwrüldi. Ýolagçylar üçin amatly bolan uçar(samolýot)lar guruldy. Häzir Özbegistandan dünýäniň birnäçe döwletlerine uçar(samolýot)lar gatnaýar.

1, 2-nji sözlemleri depderiňize ýazyň.

Uçýan haly hakynda haýsy ertekiler bar?

## NÄME ÜÇIN BALTABAÝYŇ LAKAMY SAÝAK



Bir bar eken, bir ýok eken, bir baýyň Baltabaý atly ogly bolupdyr. Ol «ejem ogullardandy». Baltabaýyň



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

islän zady, gowumy, ýamanmy derrew ýerine ýetiriler eken. Ulularyň maslahatyna gulak asmaýan eken, islän ýerine gidip, dostlaryny erbet sözler bilen söger eken.

Ýöne, Baltabaý näçe owadan geýinse-de onuň edepsizdigi aýan boluberýärdi.

Baltabaýyň ýaşaýan ýerindäki çagalar oňa Baltabaý «saýak» diýip lakam goýupdyrlar.

Baltabaý ähli wagtyny biderek işlere sarp eder eken. Ol gitdigiçe abraýsyzlanyp, bezzatlaşyp, horlanyp başlapdyr.

Ol atasynyň ähli baýlygyny dargadypdyr. Barha hormatdan düşüp ugrapdyr. Şonuň üçin hem hemmeler Baltabaý «saýak» diýenlerinde edepsiz bir oglany göz öňüne getiripdirler.

Dana halkymyzyň aýdyşy ýaly: «Saýak ýören – taýak iýer».

Gysgaça mazmunyna görä: Ýaşlygyny biderek geçiren adam, Baltabaýyň ýagdaýyna düşer.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Baltabaý name üçin Baltabaý «saýak» lakamyny alypdyr?
2. Saýak gezen adama nämeler garaşýar?
3. Baltabaýyň eden işleri dogrymy?
4. Şu hakda öz pikiriňizi aýdyň.

G ★ **Gönükme.** Nakyllary okaň we ýazyň.

Saýak gezseň taýak iýip nalarsyň.
Biderek gezer bolsaň, gyjalata galarsyň.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

G ★★★ **Gönükme.** Aşakdaky suratdaky gurallar haýsy kär eýesine degişli bolsa synp tagtasyna şol käriň adyny ýazmaly.

Nusga: rendäniň suraty bolsa – ussa,...



G ★★★ **Gönükme.** Teksti okaň we ýazyň. Bu sözlemleriň her biri näçe sözden düzülen. Öz bilýän ösümlikleriňiziň adyny ulanyp, sözlem ýazyň.

**Ösümlikleri goramaly**

Ösümlikleri goramak gerek. Olar durmuşymyzy bezeýär. Bizi azyk bilen üpjün edýär. Ösümlikler adamyň saglygy üçin hem zerurdyr. Biziň dem alýan howamyzy arassalaýar.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# HER KIMIŇ ÖZ HÜNÄRI BOLMALY





Her kimiň baýlygy bolmasa-da, elinde hünäri bolsa hor bolmaz. Danalarymyz şeýle öwüt-nesihat edipdirler: «Her kim özüniň başarýan we özüne laýyk hünäri saýlasa, ol bagtlydyr». Özüne mynasyp bolmadyk işe el uran adamyň ahyry erbet bolýar. Ädikçi hiç haçan tahýa tikip bilmez. Tebipçilikden habary bolmadyk adam keseli bejerip bilmez.

Şonuň üçin hem her kimiň öz hünäri bolmaly. Diňe şonda ol bagtly we baý bolup biler. Halkymyz «Hünär – hünärden öner» – diýip ýöne ýere aýtmandyr.

Hünäri dogry saýlan adam oňa mähirli, sabyr-takatly bolmaly we hünärinden döreden zatlarynyň adamlara makul bolmagy üçin zähmet çekmelidir. Şeýle edilende adam çeken zähmetiniň rähnetini görüp iliň alkyşyny alyp biler.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Hünär barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Hünärmentler kimler?
3. Hünäri dogry saýlan adam hünärment bolup bilermi?
4. Hünärment nähili adam bolmaly?
5. Siz haýsy hünäri eýelemek isleýärsiňiz?
6. «Altyn otda, adam zähmetde taplanýar», diýen nakylyň manysyny ata-eneleriňizden sorap biliň.

G **Gönükme.** Okaň we göçüriň. Bu ýerde näçe sany sözlem ýazdyňyz? Her sözlemde näçe sany söz bar?

## Çopanlar

Gurban aga baş çopan. Onuň kömekçileri Döwran bilen Möwlam. Olar goýun bakýarlar. Çopan itleri olara kömek berýär.

G **Gönükme.** Berlen nakyllary okaň we düşündiriň.

Bagt zähmetde.

Işlemän döwran sürmek –
Ýele ömür sowurmak.

Eli gül adam
Hormatda mydam.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## HÜNÄRIŇ WE WAGTYŇ GADRY

*(ÖZBAŞDAK OKAMAK ÜÇIN)*



Hünär her bir adama suw we howa ýaly zerurdyr.

Myrat baba şeýle diýipdir:

– Eý ogul, berk we erjellik bilen hünär öwren, hünäriň bolsa hiç haçan hor bolmarsyň, belki il-ýurduň hormatyna sezewar bolarsyň.

Hünärsiz ynsan – ganatsyz guş, suwsuz derýa we miwesiz daragta meňzeýär.

Hünärleriň görnüşi gaty kän, – diýip sözüni dowam etdi Myrat baba, – küýzegärçilik, gurluşykçylyk, senetçilik, tikinçilik we başgalar.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Balalarym, hünär öwrenmek üçin wagtyň gadyryna ýetmeli. Wagtyňyzy biderek sarp etmän ylym-hünär öwreniň.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ylym we hünäriň ähmiýeti nämede?
2. Myrat baba näme diýdi?
3. Hünärsiz ynsan kime deňelýär?
4. Hünärleriň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?

G ★★★ **Gönükme.** Nakyllary okaň. Hünärmen we hünär sözleriň manysyny düşündiriň. Haýsy soraga jogap bolýar.

**Kesp-hünär hakyndaky nakyllar**

Wagtyň gitdi – bagtyň gitdi.

Hünärmendiň nany bütin.

Hünär we ylmyň ogrusy bolmaz.

Hünäriň bolsa eliňde,
Nan tapylar ýoluňda.

Hünäri ýok kişiniň,
Saldamy ýok işiniň.

G ★★★ **Gönükme.** «Meniň arzuwym» diýen temadan dört sany sözlem düzüp, depderiňize ýazyň.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GEÇILENLERI GAÝTALAMAK

### TILKI WE GEÇI

*(Türk ertekisi)*

Günlerde bir gün tilki guýa gaçypdyr we çykyp bilmändir. Şol wagt şol ýerden bir geçi geçip barýan eken. Geçi tilkini görüp:



– Bu suw süýjümi? Içip bolýarmy? – diýip sorapdyr. Tilki hem mekirlik edip, suwy öwüp başlapdyr welin, geçiniň hem ondan suw içesi gelipdir. Soňra tilki geçä:

– Ol ýene durma, gel, aşak düş – diýipdir. Geçi hem onuň sözlerine ynanypdyr. Sebäbi geçiniň



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dili suwsuzlykdan ýaňa damagyna ýapyşan eken. Ol hiç hili pikir etmän, aşak düşüpdir. Geçi suwdan ganyp:

– Hawa, tilki dost, indi bu ýerden nädip çykarys? – diýipdir.

Tilki:

– Sen hiç alada etme, men bu ýerden ikimizi hem çykarmagyň ýoluny bilýärin. Sen ilki bilen öň aýaklaryňy diwara dire, şahyňy hem ýokary galdyr, men dyrmaşyp çykyp, soňra seni çekip çykararyn – diýipdir. Geçi bu pikire derrew razy bolupdyr. Tilki dostunyň ilki arkasyna, soňra şahyna çykyp, guýynyň agzyna dyrmaşyp, guýudan çykypdyr we ol ýerden uzaklaşypdyr. Muny gören geçi:

– Biz beýle gürleşmändik ahyryn! Sen sözüňde durmaýarsyň? – diýen dessine tilki yzyna öwrülip:

– Akmak! Seniň akylyň bar bolsa, nädip çykjagyňy bilmän, guýa düşermidiň? – diýip, öz ýoly bilen boluberipdir...

«Akylly adam soňunyň nähili gutarjagyny pikir etmän, hiç bir işe baş goşmaly däldir».

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Tilki guýudan çykmak üçin nähili mekirlik oýlapdyr?
2. Tilkiniň häsiýetleri: mekir, ________________________.
3. Geçiniň häsiýetleri: sada, ________________________.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## HAKYKY DOST

*(Hekaýa)*




Muhammet bilen Seýran dostdular. Olar hiç haçan bir-biriniň göwnüne degmezdiler, edil dogan ýaly gowy görüşerdiler. Bir gün olaryň okaýan mekdebinde okuwçylaryň arasynda ylgamak boýunça ýaryş geçirildi. Ýaryşda synp okuwçylary iki-ikiden ýaryşyp, bäş ýüz metr aralyga ylgamak boýunça öz ukyp-başarnyklaryny görkezmelidi. Ýaryş diýseň çekeleşikli gidýärdi. Her kim ýeňiji bolmagyň arzuwyndady. Bu ýaryşda Muhammet Seýran bilen bile ylgamaly boldy. Ine-de, mugallym olara yşarat etdi. Olar pellehana tarap okduryldylar. Birdenkä Muhammet ylgap barýarka, büdräp ýykyldy. Muňa gözi düşen Seýran hem ylgamasyny bes etdi-de, yzyna dolandy. Ol «Tur dost» diýip, Muhammede elini uzatdy. Bu pursaty synlap duran



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mugallym ýylgyrdy-da, «Ine, hakyky dostluk» diýip, okuwçylara ýüzlendi. Hatar duran synp okuwçylaryň arasyndan «Bolmalysy hem şeýle-dä. Dostuňa hormat goýsaň, edil öz doganyň ýaly gowy görseň, büdrände, ýykylanda goltgy berseň, seniň hakyky dostdugyňa güwä geçýär» diýen ses eşidildi. Onýança okuwçylaryň biri: – «Özüňi süýt bil, dostuňy gaýmak» diýen nakyly hem bar-a – diýip seslendi. Mugallym okuwçylardan ýaňky nakylyň manysyna düşünişlerini sorady. Okuwçylar bu soraga örän jaýdar jogap berdiler. Mugallym:

– Berekella, hemişe bütin durky pähim-parasada, öwüt-nesihatlara ýugrulan nakyllara uýup ýaşamalysyňyz – diýdi.

Soňra Muhammet bilen Seýran täzeden ylgamaga başladylar. Muhammetden biraz öňe giden Seýran garşy yzyna seredip ylgaýardy. Seýranyň yzyna, ýagny Muhammede bakyp ylgap barşyny bolsa mugallym-da, okuwçylar-da uly höwes we guwanç bilen synlaýardylar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Hekaýada dostuňy kim ýaly bil diýipdir?
2. Okuwçylar nähili nakyly mysal getiripdirler?

## OBADA

*(Hekaýa)*

Okuw ýylynyň tamamlanyp barýan döwürlerinde meniň ýüregimde ýakymly arzuwlar peýda bolup başlady. Ol meniň oba gitmek baradaky



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



arzuwlarymdy. Ynha, biz basym tomus dynç alşyna çykarys. Onsoň, biz... Biz diýýänim – jigim ikimiz.

Hawa, dynç alyş günlerine çykdyk. Ejem-kakam dagy bilen biz oba tarap ýola düşdük. Ulagymyz ojar, selin ýaly ösümlikleriň ösüp oturan sary çägeligini ikä bölüp ýol bilen gidip barýardy. Jigim Maýsa bolsa ulagyň aýnasyndan daş-töweregini synlap barşyna:

– Şu wagt çägede aýakýalaňaç ýöräp oýnasaň-da... – diýip, ýüregindäki arzuwyny aýtdy.

– Menem şonuň pikirini edip otyrdym – diýip, jigimiň gürrüňine goşuldym. Kakam ulagyň badyny gowşadyp, ýoluň gyrasynda saklady. Biz köwşümizi çykaryp, çägelige tarap ylgadyk. Çägäniň gyzgynlygy sebäpli, biz derrew köwşümizi geýmeli bolduk. Ýöne bu ýeri, gör nähili hezillik. Üýşmek çäge depesi tolkun



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

atyp dur. Oňa dyrmaşyp çykjak bolsaň, aýagyň typyp, ep-esli aşak gaýdarsyň. Jigim ikimiz birsellem güýmendik. Kakam: «Hany, indi gideliň. Garaňky düşmänkä oba aşmaly» diýmedik bolsa, biz entegem eglenerdik. Ýolda kakam öz çagalygy bilen baglanyşykly birnäçe gyzykly wakalary gürrüň berdi. Biz onuň täsirli gürrüňleri bilen nädip oba ýetenimizi hem bilmän galypdyrys.

Obanyň bir çetinden girenimizde, goýun bakyp ýören özüm ýaly oglanlary, gumak çägede oýnap ýören çagalary gördüm. Köçäniň gyrasyndan geçýän kiçiräk ýabyň iki tarapy bolsa gür baglykdy. Bu agaçlar meniň görýän agaçlaryma meňzeş däldi. Şahalary ýogyn, ýapraklary bolsa kiçijekden gürdi. Kakam olara garap söwüt diýilýändigini, ony täze jaýyň depesini basyrmaga, pil sap ýasamaga ulanylýandygyny, bu agaçlaryň obada köp ekilýändigini gürrüň berdi. Biz uly ýabyň köprüsinden geçip, atamlara tarap öwrüldik. Bu ýaba oba adamlary «Monjukly» diýýän ekenler.

– Kaka, biz Monjukly ýapda suwa düşeliň-dä – diýip, haýyş etdim. Kakam:

– Bu ýerde suwa düşmek gorkuly. Birden suw akdyraýmasyn – diýdi.

Şol gün men özüm ýaly oglanlar bilen kiçeňräk ýaba suwa düşmäge gitdim. Ýabyň suwy az eken. Üstesine, gaty çuň hem däldi. Jigim Maýsajyk suwa düşmän ýabyň gyrasyndaky çägeden öýjagazlar ýasamaga başlady. Birden ýabyň has ýalpak ýerinde ýüzüp barýan balyga meniň gözüm ildi. Çalasynlyk bilen



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hereket edip, men ony tutdum we begenjime duran ýerimde elimdäki balygy ýokary galdyryp:

– Balyk tutdum-eý, balyk tutdum – diýip gygyrdym. Oglanlar maňa tarap ylgap gaýtdylar. Ýabyň gyrasynda duran jigim bolsa:

– Ol janaweri goýberäýsene. Oňa diýseň nebsim agyrýar – diýip özelendi. Maňa jigimiň sözi täsir etdimi ýa-da meniň hem balyga nebsim agyrdymy, ony suwa goýberdim. Ýetip gelen oglanlar:

– Ony nädäýdiň-eý. Goýbermeli däl ekeniň – diýişdiler.

– Goý, ol erkana ýüzsün – diýip, men jigimiň şatlygyna goşuldym. Şeýlelik bilen, meniň obadaky gezelenjimiň bir güni tamam boldy. Obada başga-da köp gyzykly wakalar bolup geçdi. Ol wakalar bir-birinden has gyzykly. Men olar hakynda indiki gezek gürrüň bererin.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Hekaýanyň esasy temasy näme hakynda?
2. Oglan balygy suwa goýberip dogry etdimi?
3. Hekaýalary jigileriňize okap beriň.

## AÝY BILEN BALARY

*(Erteki)*

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym-gadym zamanlarda gür tokaýlygyň içinde bir aýy ýaşar eken. Günler geçipdir, aýlar geçipdir. Gyş pasly hem ýetip gelipdir. Hälki aýynyň azygy gutarypdyr. Ol azyk gözläp ýola düşüpdir.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Aýy az ýöräpdir, köp ýöräpdir, bir agajyň köweginiň üstüne barypdyr. Görse, ol balarylaryň jaýymyş. Aýy muňa begenip, balaryny çagyrmaga durupdyr. Ol agajy yralap:

– A-how balary dost, hany oýansana, daşary çyksana – diýip, gygyryp başlapdyr. Balary onuň sesine daşary çykypdyr.

Aýy balara:

– Dost jan, meniň azygym gutardy, maňa iýer ýaly bal bersene – diýip, ýalbaryp başlapdyr.

Balary biraz oýlanypdyr-da: «Saňa bu gara gyşda nädip bal tapaýyn. Gowusy, sen maňa her dürli güllerden çöpläp getirip ber. Onsoň saňa bal beräýerin» – diýipdir.

Aýy balary bilen razylaşyp gülüň gözlegine çykypdyr. Tokaýyň hemme ýerini aýlanyp, birje gül hem tapmandyr. Ol ýene-de balarynyň ýanyna gelipdir



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

we hiç ýerden gül tapmandygyny aýdypdyr. Balary bolsa oňa gül getirmese bal berip bilmejekdigini aýdypdyr-da, öýüne giriberipdir. Aýy bolsa henizem balarydan bal aljak bolup ýörenmişin.

*Lew Tolstoý*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ertekide haýsy pasyl beýan edilýär?
2. Aýy näme iýesi gelipdir?
3. Dosty balary aýa näme jogap beripdir?
4. Şu erteka nähili nakyly mysal getirmek mümkin?

## ÝEDI ÇÖREK



Aýdyşlaryna görä, Aly Muhammet diýilýän biri her gün bazardan ýedi sany çörek satyn alýarmyşyn. Onuň baý, emma samsyk goňşusy munuň sebäbini sorapdyr.

Aly Muhammet oňa şeýle jogap gaýtarypdyr:

– Alýan ýedi çöregimi? ikisini nesýe berýän, ikisini bergime berýän, birini adamlar üçin alýan, biri bilen



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

adamlardan goranýan, birini bolsa, özüm iýýän. Düşnüklimi?

Ör-gökden gelen, gözlerini mölerdip duran goňşusyna ol bu sözleriniň manysyny şeýle düşündiripdir:

– Ikisini nesýe bermek – çagalaryňa iýdirmek. Ulalansoňlar, olaram meni eklärler. Ikisini bergiňe harçlamak – ene-ataňa bermek. Birini adamlar üçin almak – dostlaryňa hödür-kerem etmek. Biri bilen adamlardan goranmak – öýümi saklar ýaly, itimi naharlamak. Soňkusyna-ha düşünýänsiň.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Aly Muhammet näçe çörek alýan eken?
2. Şol çörekler kime niýetlenen? Artykmajyny tapyň.
Çagalaryna, ene-atasyna, dostuna, guşlara, itine, özüne.

## PIŞIK HEM IT





Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bolanmy, bolmanmy – belli däl. Hekaýatda aýdylyşyna görä, pişik bilen it sataşypdyr.

It uzakly gün meýdanda goýunlaryň ýanynda bolup, bir eýläk, bir beýläk ylgap, çopana kömekleşensoň, öňünde goýlan ýalyny işdä bilen iýip, çuň uka gidýär eken.

Pişik oňa ýüzlenip, şeýle diýipdir:

– Maňa bir zady düşündir, dost jan. Sen günüň-güni çar ýana ylgap, lütüň çykýar. Işdäňem oňat, gijesine-de hezil edip ýatýaň. Bu nähili beýle? Men welin ýyljak ýerde meýmiräp, myrlap ýatýan. Hiç hili işimem ýok, aladamam. Ýöne näme üçindir, rahat uklap bilemok, işdäm hem zat alanok.

It oňa şeýle jogap beripdir:

– Sen hem men ýaly işle, ylga, mazaly ýada. Şonda işdäň açylar, ýatańda-da örän rahat ýatarsyň.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ertekiniň mazmunyna haýsy nakyl dogry gelýär:
A. Iş işdäňi açar, işlemedik ondan gaçar.
B. Bilbil çemeni söýer, adam – watany.
2. Ertekini jigileriňize okap beriň.



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAZMUNY

### III BAP
### SAG TENDE – SAGDYN AKYL

Türkmen milli oýunlary........................................................4
Iki ýoldaş....................................................................................6
Aýterek-günterek.......................................................................9
Rehimli we dykgatly boluň.......................................................12
Nowruz – täze gün...................................................................15
Semeni......................................................................................17
Bahar geldi................................................................................19

### IV BAP
### SUNGAT WE MEDENIÝET

Şärikli ekin ..............................................................................23
Garga, tilki we syçanyň dostlugy.............................................25
Sabyrly bol!...............................................................................28
Möjek we ýedi owlak................................................................30
Jigim bile..................................................................................33
Kitaby aýawly saklaň!...............................................................35
Kitap hakynda erteki.................................................................36
Mekdebe barýan........................................................................40
Iki dost .....................................................................................42
Kitabym, jan kitabym.................................................................44
Myhman garşy almak.................................................................46
Tilki we durna............................................................................48
Myhman çagyrmak nähili gowy..................................................52



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## V BAP
## GÖWÜN WE DIL

Goşgy bolýan sözler....55
Bilmezegiň goşgy düzüşi hakda....58
Pasyllar başy....62
Günäkär, sabyn....64
Watan hakyndaky nakyllar....67
Zähmet hakyndaky nakyllar....68
Kim günäli?....70
Şalgam....72

## VI BAP
## YLYM WE TEHNOLOGIÝALAR

Planetalar we ýyldyzlar....76
Aý....78
Aýda myhmançylykda....81
Ilkinji kosmonawt....82
Näme üçin Baltabaýyň lakamy saýak....84
Her kimiň öz hünäri bolmaly....87
Hünäriň we wagtyň gadry....89
Geçilenleri gaýtalamak....91



Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*O‘quv nashri*

Shirinjon ABDULLAYEVA, Gulbahor ABDULLAYEVA,
Gurbanberdi VELBEGOV

# ONA TILI
# VA O‘QISH SAVODXONLIGI

*(Turkman tilida)*

*Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining*
*1-sinfi uchun darslik*

*2-qism*

Redaktor-korrektor: *Aýnura Alymjanowa*
Suratçylar: *Azizbek Jabbarow, Najotbek Jorabaýew*
Tehniki redaktor *Akmal Suleýmanow*
Çeper redaktor *Sarwar Farmonow*
Dizaýner *Dilmurad Mulla-Ahunow*
Sahaplaýjy *Zilola Aliýewa*

Çap etmäge 2021-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda rugsat edildi.
Möçberi 60×84 $^{1}/_{8}$.Arial garniturasy. Kegli 18 şponly.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 12,09.
Neşirýat-hasap listi 8,79.
0000 nusgada çap edildi. Buýurma № ___.

Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE